10 Şondan soň Hudaý olaryň edenlerini, ýaman ýoldan dönen-
diklerini görüp, gazabyndan saklanyp, görkezjek diýen erbetligini olara görkezmekden el çekdi.

## 4-NJI BAP

*Ýunus gaharlanýar*

1 Ýunus muňa gaty gamlandy we onuň gahary geldi. 2 Ol Rebbe
şeýle doga okady: «Ýa Reb, şeýle boljagyny men öz ýurdumdakam aýtmanmydym näme? Men şol sebäpden hem dessine Tarşyşa gaçdym-a. Seniň merhemetli, rehimli, hemişe sabyrly, kalby söýgüden doly Hudaýdygyňy we jeza bermekden el çekmäge taýyn-
dygyňy bilýärdim ahyryn. 3 Indi bolsa, Ýa Reb, meniň janymy al,
çünki ýaşanymdan ölenim gowudyr».

4 Reb oňa: «Seniň gaharlanmaga hakyň barmy?» diýdi.

5 Ýunus şäherden çykdy we onuň gündogar tarapynda bir ýerde
dyz epdi. Şol ýerde özüne çatma dikdi we şähere näme bolýanyny görmek üçin, ol onuň kölegesinde oturdy. 6 Ýunusyň üstüne saýa
salar ýaly we ony köşeşdirer ýaly, Reb Hudaý ol ýerde bir düýp ösümlik gögertdi. Muňa Ýunusyň göwni galkyndy. 7 Emma ertesi
gün daňdan Hudaý bir gurçuk iberdi we ol gurçuk ösümligi için-
den iýip, ony guratdy. 8 Gün doganda, Hudaý gündogardan epgek
öwüsdirdi. Gün Ýunusyň depesini gaýnadyp başlady, onda ysgyn-mydar galmady. Ol özüne ölüm diläp: «Ýaşanymdan ölenim gowudyr» diýdi.

9 Hudaý Ýunusdan: «Ösümlik babatda gaharlanmaga hakyň bar-
my?» diýip sorady. Ýunus: «Hawa, hakym bar. Gahardan ýaňa özüme ölüm dileýärin» diýdi.

10-11 Şonda Reb oňa şeýle diýdi: «Öz zähmetiň siňmedik, bir gi-
jäniň içinde ösüp, bir gijäniň içinde-de guran ösümlige seniň nebsiň agyranda, sagyny-soluny saýgaryp bilmeýän ýüz ýigrimi müňden agdyk adama we köp mal-garasy bolan şeýle uly şäher Ninewä Meniň neneň haýpym gelmesin».

© Mukaddes Kitap Terjime Instituty, 2005